# Çingiz hana garşy taryhyñ gizlin terakty: Hasan Sabbah we Alamut galasy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çingiz hana garşy taryhyñ gizlin terakty: Hasan Sabbah we Alamut galasy ÇINGIZ HANA GARŞY TARYHYÑ GIZLIN TERAKTY: HASAN SABBAH we ALAMUT GALASY



Taryhyñ çañly sahypalarynyñ arasynda jana kast edýän ýörite toparlaryñ iñ meşhury bolan haş-haşynlaryñ (ýa-da beýleki ady bilen nizariler) tälim berlen galalary legenda mysaly al-asmanda howalanyp, häsirem dim-dik dur. Bu galalaryñ iñ meşhury Hasan Sabbahyñ mesgeni hökmünde tanalan Alamut galasydyr. Bir mahallar dünýäniñ çar künjüne gorkudan ýaña zagyrdanan bu gala Ýewropadan gelen talap bilen ýene bir gezek üns merkezine giripdi.

- **Rim papasynyñ tabşyrygy: Haş-haşynlara buýrulan howply ýumuş**

XIII asyryñ başlarynda Ýewropa çäklerini ýyldyrym çaltlygynda giñeldip barýan Mongol imperiýasynyñ hökümdary Çingiz handan öler ýaly gorkýardy. Ýewropanyñ iñ güýçli goşunlary-da Çingiz hanyñ rehim-şepagatsyzlygynyñ we strategiki paýhasynyñ garşysynda näderinu bilmän galypdy. Şonuñ üçinem Ýewropa bu howpy aradan aýyrmak ücin jeñ meýdanlarynyñ daşyndan bir çykalga tapmagy makul bildi. Şol döwrüñ Rim papasy we beýleji ýokary çinli ýewropaly ýolbaşçylar bu gizlin we howply tabşyrygy haş-haşynlara berdiler. Eger haş-haşynlar bu ýumşy bitirip bilseler, Ýewropadan uly sylag almalydylar.

- **Haş-haşynlaryñ ölüm howply meýilnamasy**

Alamut galasynda bu tabşyryñ jikme-jiklikleri inçegöz elekden geçirilip, ykjam taýýarlyk görülýärdi. Çingiz ýaly birini öldürmek ýönekeý teraktdan has köprän zady talap edýärdi. Haş-haşynlar Çingiz hana ýakynlaşmagyñ we ony öldürmegiñ iñ täsirli ýoluny tapmak üçin birnäçe günläp maslahat edipdir. Emma bu gizlin meýilnama heniz güýje girmänkä, Çingiz hanyñ gulagyna ýetirilipdir. Taryhyñ iñ güýçli hökümdarlaryndan bolan Çingiz han haş-haşynlaryñ amala aşyrjak teraktyna garşy dessine öñüni alyş taýýarlygyny görmäge başlapdyr.

- **Garagurumyñ ýolundaky ganly garpyşyk**

Haş-haşynlar Çingiz hany öldürmek üçin kyrk pidaýysyny söwdagäriñ tüýsünde Garaguruma ugradypdyr. Emma bu pidaýylar (smertnikler) Garaguruma barmanka Hazar daglarynyñ eteginde Çingiz hanyñ çaklañja otrýady tarapyndan gabaldy. Otuz dokuz

haş-haşyn pidaýysy diriligine suwda gark edilip, balyklara şam edildi. Diňe biri bolup geçenleri Alamutyň dykgatyna ýetirmek we türki taýpalardan bileleşen bu güýçli goşunyndan daşda durmagy duýdurmak maksady bilen diri galdyryldy.

- **Haş-haşynlar we olaryň garaňky geçmişi**

Haş-haşynlar Hasan Sabbah taralyndan gurlan we yslamyň şaýy mezhebiniň bir şahasy bolan nizarileriň teraktçy toparydy. Bu topar Alamut galasynda tälim alyp, döwrüniň iň gorkuly terrorçylaryna öwrülipdi. Özlerini haş-haş (neşe, marihuana) ösümligine uýgunlaşdyryp, ölüme gözüni gyrpman gitjek derejede taýýarlaj pidaýylar duşmanlaryny mazaly yzarlap, duýdansyz hüjümleri guranlaryndan soň gözden gaýyp bolýardylar. Emma Çingiz ýaly adamy öldürmek haş-haşynlaryň iň kyn işlerinden biri boldy we bu şowsuzlyk bilen tamamlandy.

- **Ýewropanyň lapykeçligi we mongol howpy**

Haş-haşynlaryň bu ýumşy bitirip bilmezligi Ýewropanyň Çingiz hanyň garşysynda nähili çäresiz bolup galandygyny ýene bir gezek görkezdi. Mongol imperiýasy Ýewropanyň çäklerini alkymlap gelýärdi. Haş-haşynlaryň bu şowsuzlugy olaryň syrly we ölüm howply at-abraýyny belli bir derejede ýere dökdi. Emma bu hadysa taryhyň iň uly teraktyna edilen synanyşyklaryň biri hökmünde ýatda galsy we haş-haşynlaryň garaňky taryhyna täze sahypany ýazdy.
Çingiz hana garşy guralan bu terakt haş-haşynlaryňam ukyp-başarnyklarynyň ýetmeýän zadynyň bardygyny görkezdi. Hasan Sabbahyň pidaýylary taryhyň iň uly hökümdarlarynyň birini öldürmäge synanyşanda mongol goşunynyň rehim-şepagatsyzlygynyň we strategiki pähim-paýhasynyň garşysynda näderini bilmän galdylar. Bu hadysa haş-haşynlaryň garaňky we gorkunç dünýäsiniň bir parçasy hökmünde taryhyň çuňluklaryna ýazyldy.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Taryhy makalalar